GARAŞSYZ, BAKY BITARAP WATANYMYZA, MÄHRIBAN HALKYMYZA, TÜRKMENISTANYŇ HORMATLY PREZIDENTINE—
TÜRKMENISTANYŇ ÝARAGLY GÜÝÇLERINIŇ BELENT SERKERDEBAŞYSYNA GULLUK EDÝÄRIN!

# ESGER

ESASLANDYRYJYSY—TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwlet—bu biziň ata Watanymyz—eziz Türkmenistandyr!

Gazet 1993-nji ýylyň 6-njy martyndan bäri çykýar. • № 35 (1691) • 2025-nji ýylyň 28-nji awgusty • Penşenbe



*Türkmeniň ak ýoly — Galkynyş ýoly*

## HALK, DÖWLET BÄHBITLI MÖHÜM ÄDIMLER

*Geçmişi, şu güni we geljegi baglanyşdyrýan, her bir şahsyýeti adamkärçilige, päk ahlaklylyga ugrukdyrýan, maşgala agzybirligini pugtalandyrýan, manyly ömür menzilleri, öwüt-ündewleri bilen bizi belent maksatlara, täze üstünliklere ruhlandyrýan ýaşulularyň mertebesi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has-da belende göterilýär. Ýaşulularymyza hormat goýmak pederlerimizden miras galan iň asylly däpleriň biridir. Her ýyl ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ýaşulularyň maslahatlary we teklipleri diňlenilip, şolaryň esasynda döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmek boýunça möhüm kararlar işlenip düzülýär hem-de kabul edilýär.*

Ýaňy-ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi. Onuň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramyny ýokary derejede geçirmek boýunça meseleleriň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy. Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, türkmen halkynyň asylly däp-dessurlarynyň biri bolan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmagyň müňlerçe ýyl bäri halkymyzyň durmuşynda dowam edip gelýän demokratik däpleriň biridigini, häzirki taryhy döwürde bu däpleriň ýurdumyzyň ösüşiniň esasyna, ileri tutulýan wezipeleri çözmekde jemgyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrülendigini belledi.

Halkymyz hemişelik Bitarap Diýarymyzyň Garaşsyzlyk toýuny uly zähmet üstünliklerine besläp, buýsanç bilen garşy alýar. Sebäbi bu sene Garaşsyz ýurdumyz hem-de agzybir halkymyz üçin aýratyn ähmiýetli, buýsançly, biziň her birimizi täze, belent maksatlara galkyndyrýan şanly wakadyr. Şunuň bilen baglylykda, Garaşsyzlyk baýramymyzyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçiriler, onda Garaşsyz döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jemi jemleniler. Şeýle-de Halk Maslahatynda döwrüň talaplaryndan, täze ykdysady şertlerden ugur alnyp, täze taryhy döwürde öňümizde durýan möhüm wezipeler ara alnyp maslahatlaşylar. Şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebitde we dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň orny babatda öňde durýan wezipeler kesgitleniler.

Mejlisiň barşynda Milli Liderimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen bagly işleriň çäginde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» ýaly esas goýujy resminamalara laýyklykda, degişli ýolbaşçylaryň geljek ýylda ýurdumyzyň makroykdysady ýagdaýyny we maliýe, pul-karz ulgamyny durnukly saklamak, ykdysadyýetiň pudaklaryny depginli ösdürmek arkaly ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak babatda durmuşa geçirilmeli çäreleri seljermelidigine ünsi çekdi. Şeýle-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak hem-de ony guramaçylykly geçirmek hakynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararlaryna gol çekdi.

Soňra mejlisde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi möhüm wakadyr. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri şu ýyl köp sanly halkara çäreleri geçirmegiň meýilleşdirilýändigini nygtady. Gahryman Arkadagymyz 2025-nji ýylyň 12-nji dekabrynda geçiriljek Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň wekilçilikli forumyny hem-de beýleki çäreleri ýokary derejede geçirmek üçin düýpli taýýarlyk görmegiň wajypdygyna ünsi çekip, bu çäreleri talabalaýyk guramak boýunça öňde durýan wezipelerdir ýerine ýetirilmeli işler barada durup geçdi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy hemişelik Bitaraplygymyzyň ajaýyp ýörelgelerine daýanýan döwletimiziň bu günki gün dünýäniň halklaryny jebisleşdirýän, ýakynlaşdyrýan, dostlaşdyrýan ýurda öwrülendigini belledi.

Halk bähbitli, döwlet ähmiýetli şeýle ajaýyp işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***«Esger».***

## Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisindäki

# ÇYKYŞY

*(Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 20-nji awgusty)*

***Hormatly Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary!***

Türkmen halkynyň asylly däp-dessurlarynyň biri bolan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşmak müňlerçe ýyl bäri halkymyzyň durmuşynda dowam edip gelýän demokratik däpleriň biridir. Häzirki taryhy döwürde bu däpler ýurdumyzyň ösüşiniň esasyna, ileri tutulýan wezipeleri çözmekde jemgyýetiň hereketlendiriji güýjüne öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Garaşsyz Watanymyzy ösdürmek boýunça şu ýylyň alty aýynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlendi. Şunuň bilen birlikde, hormatly Prezidentimiz tarapyndan bu mejlisde şu ýylyň sentýabrynda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyna ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça degişli tabşyryklar berildi.

***Hormatly adamlar!***

Biz şu ýylyň sentýabrynda ähli halkymyz bilen bilelikde, agzybirlikde Watanymyzyň Garaşsyzlyk baýramyny giňden belläp geçeris. Halkymyz hemişelik Bitarap Diýarymyzyň Garaşsyzlyk toýuny uly zähmet üstünliklerine besläp, buýsanç bilen garşy alýar. Sebäbi bu sene Garaşsyz ýurdumyz hem-de agzybir halkymyz üçin aýratyn ähmiýetli, buýsançly, biziň her birimizi täze, belent maksatlara galkyndyrýan şanly wakadyr. Şunuň bilen baglylykda, Garaşsyzlyk baýramynyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini geçirmek bilen, Garaşsyz döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jemini jemläris. Döwrüň talaplaryndan, täze ykdysady şertlerden ugur alyp, täze taryhy döwürde öňümizde durýan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşarys.

Şu günki mejlisimizde bolsa «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanuny esasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini çagyrmak we ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmek, mejlisiň geçiriljek senesini kesgitlemek hem-de guramaçylyk toparynyň düzümini tassyklamak hakynda degişli resminamalary kabul ederis. Il içinde uly abraýdan peýdalanýan, öz halal zähmeti bilen ýokary zähmet üstünliklerini gazanan watandaşlarymyzy döwlet sylaglaryna hödürlemek, hormatly atlary dakmak boýunça işleriň alnyp barlyşyna serederis. Şeýle hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebitde we dünýäde parahatçylygy üpjün etmekde ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň orny babatda öňde durýan wezipeleri kesgitläris.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň başyndan bäri geçen döwürde ähli tagallalarymyz, gujur-gaýratymyz döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň depginli ösüşini üpjün etmäge gönükdirildi. Ýurdumyzda halk häkimiýetliligini, milli demokratik institutlary ösdürmek boýunça taryhy işler durmuşa geçirildi. Biz döwletlilik, kanunylyk we milli demokratik kadalardan ugur alyp, döwlet ähmiýetli möhüm soraglary halk bilen maslahatlaşyp amala aşyrýarys. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işi hem şol maksatlara esaslanýar. Şunda döwlet ähmiýetli soraglary çözmek, ýurdumyzda kabul edilen maksatnamalary ýerine ýetirmäge halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak, halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, asudalygyny, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegine ýardam bermek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipesi bolup durýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işleriniň ählisi döwletimizi durmuş-ykdysady taýdan ýokary derejede ösdürmegiň, bu işleri netijeli dolandyrmagyň, kanunçylyk-hukuk üpjünçiliginiň, häkimiýet edaralarynyň guramaçylyk esaslarynyň täze, kämil gurallaryny kemala getirmäge gönükdirilendir.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» we beýleki maksatnamalar esasynda milli ykdysadyýetimizde ýokary ösüşleri gazandyk. Täze şäherdir obalaryň gurluşyklaryny ýokary depginde dowam etdirdik. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ägirt uly ykdysady, maliýe we maýa goýum kuwwatyny görkezýän Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy üstünlikli alnyp barylýar.

***Hormatly adamlar!***

Hormatly Prezidentimiziň sebitde we halkara giňişlikde dostdoganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek, parahatçylygy, ynanyşmagy pugtalandyrmak, durnukly ösüşi üpjün etmek barada edýän tagallalary Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda uly üstünliklere beslenýär. Bu ýyl türkmen jemgyýetinde agzybirligiň, jebisligiň höküm sürmegi, ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleri, döwletimiziň dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy gorap saklamaga goşýan goşandy Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu ugurda öňe sürýän halkara başlangyçlary bilen häsiýetlendirilýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerini wagyz etmek, halkara guramalaryň çäklerinde umumadamzat bähbitli başlangyçlary we teklipleri öňe sürmek ugrunda uly işleri alyp barýar. Halkara gatnaşyklarda parahatçylyk, ynanyşmak däplerini ilerledip, medeni dialogy, hoşniýetli goňşuçylygy, birek-birege hormat goýmagy berkitmek, özara ynanyşmagy pugtalandyrmak maksady bilen, netijeli işleri amala aşyrýar. Ýurdumyzyň Durnukly ösüş maksatlary, öňüni alyş diplomatiýasy, derwaýys sebit soraglary boýunça öňe sürýän daşary syýasy başlangyçlary Birleşen Milletler Guramasy we beýleki abraýly halkara guramalar tarapyndan yzygiderli goldanylýar.

Türkmen Bitaraplygynyň 30 ýyllyk ýubileýiniň baýram edilýän ýylynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi arkaly ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň halkara derejede üçünji gezek ykrar edilmegi hoşniýetli däplere esaslanýan daşary syýasatymyzy, şanly senäniň ähmiýetini has-da dabaralandyrdy. Türkmenistanyň Bitaraplygy diňe bir türkmen halkynyň däl-de, eýsem, bütindünýä bileleşiginiň hem gymmatlygydyr. Halkara derejede ykrar edilen syýasy-hukuk ýagdaýyna eýe bolan Türkmenistanyň Bitaraplygynyň dünýäde deňi-taýy ýokdur. Alnyp barylýan Bitaraplyk syýasatynyň döwletimiz we halkymyz üçin nähili möhüm ähmiýetiniň bardygyna göz ýetirmek üçin geçen 30 ýylyň dowamynda amala aşyrylan işleriň gerimine we möçberine nazar aýlamak ýeterlikdir. Şu ýyllaryň dowamynda ýurdumyz dünýä bileleşiginiň hormat-sarpasyny gazandy.

Garaşsyz Watanymyz öz borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ygtybarly, jogapkär hyzmatdaş hökmünde uly abraýa eýe boldy. Häzirki döwürde Bitarap Türkmenistan anyk kadalara we öz maksatlaryna aýdyň düşünmäge esaslanýan, köpugurly, toplumlaýyn daşary syýasaty alyp barýar. Biz dünýä bileleşigi bilen umumadamzat gymmatlyklaryna, häzirki zamanyň ösen medeniýetleriniň öňünde durýan wezipeleriň bitewüdigine we bölünmezdigine daýanýan gatnaşyklary alyp barýarys. Gatnaşyklaryň şeýle görnüşi bolsa Türkmenistanyň saýlap alan esasy, möhüm ähmiýetli strategik ýoludyr. Biz hemişelik Bitaraplykdan gelip çykýan «Açyk gapylar» syýasatyny we giň gerimli halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de dowam etdireris. Şunuň bilen baglylykda, döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda dünýäde hyzmatdaşlygy hem-de özara düşünişmegi pugtalandyrjak çäreleriň birnäçesini meýilleşdirdik.

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyk syýasatynyň döwletimiziň milli kanunçylygynda mynasyp orun alandygyny we onuň iş ýüzünde amala aşyrylmagy üçin pugta hukuk esasynyň döredilendigini hem bellemek möhümdir. Ýakynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Häzirki döwürde bu işleri dowam etdirmek zerur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, bu ugurda alnyp barylýan syýasaty milli kanunçylykda berkitmek üçin Türkmenistanyň Mejlisi degişli işleri durmuşa geçirmeli. Geçirilýän işleriň çäginde Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslaryny, onuň kadalaryny, esasy maksatlaryny, öňüni alyş diplomatiýasyny, ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny kanun arkaly berkitmek maksady bilen, «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň taslamasy taýýarlanylsa, maksadalaýyk bolardy.

***Hormatly adamlar!***

***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek bilen bagly işleriň çäginde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» ýaly esas goýujy resminamalara laýyklykda, degişli ýolbaşçylar geljek ýylda ýurdumyzyň makroykdysady ýagdaýyny we maliýe, pul-karz ulgamyny durnukly saklamak, ykdysadyýetiň pudaklaryny depginli ösdürmek arkaly ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak babatda durmuşa geçirilmeli çäreleri seljermeli. Şeýle hem maýa goýumlaryň esasy bölegini täze önümçiliklere gönükdirmäge, pudaklara sanly ulgamy, täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga, hususy telekeçiligi ösdürmäge möhüm ähmiýet bermeli. Şoňa görä-de, maksatlaýyn, pudaklaýyn we sebitleýin maksatnamalardan ugur alyp, şeýle hem döwletimiziň milli ykdysadyýetiniň pudaklarynyň ykdysady, maliýe görkezijilerini içgin seljermek bilen, ykdysadyýetiň pudaklary, maglumat-kommunikasiýa, bilim, saglygy goraýyş, sport ulgamlary, senagat, oba hojalyk we beýleki pudaklar boýunça teklipleri taýýarlamaly.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# 2025-NJI ÝYL — HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY




## Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýokary derejeli Türkmenistan — Azerbaýjan — Özbegistan duşuşygynyň netijeleri boýunça metbugat wekillerine ÝÜZLENMESI

*(Awaza, 2025-nji ýylyň 22-nji awgusty)*

***Hormatly habar beriş serişdeleriniň wekilleri!***
***Hormatly wekiliýet agzalary!***
***Hanymlar we jenaplar!***

Üçtaraplaýyn duşuşyga çakylygymyzy kabul edendigiňiz üçin Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti doganym Ilham Geýdar ogluna, şeýle hem Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Miromonowiç Mirziýoýewe uly hormat bilen çäksiz minnetdarlygymyzy bildirýäris. Hakykatdan-da, bu günki duşuşygy taryhy sene — möhüm waka diýip atlandyrsak, ýalňyşmarys. Sebäbi gepleşikleriň dowamynda biz dürli ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň derwaýys meselelerine seretdik. Ylaýta-da, has wajyp syýasy-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlara degişli soraglara ünsi çekdik.

Häzirki wagtda Türkmenistan, Azerbaýjan we Özbegistan diňe bir sebitde däl, eýsem, tutuş dünýä giňişliginde-de abraýly halkara guramalaryň, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde adyl hem-de açyk syýasaty alyp barýarlar. Esasy alyp barýan syýasatymyz birek-birege hormat goýmak, deňagramlylyk, deňhukuklylyk esasynda sebitde we dünýäde parahatçylygy, abadançylygy pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Ykdysady ugra hem degip geçmek bilen, ýurtlarymyzyň kuwwatlyklary diňe bir sebitde däl, eýsem, tutuş Ýewraziýada-da geoykdysady bähbitlere itergi berer diýip hasap edýäris. Bu babatda birnäçe mysallary aýdyp geçmek bolar.

Elektroenergetika barada aýdanymyzda, bu ugurda ozaldan gelýän hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesi bar. Şeýle hem gaz pudagynda üç ýurduň arasynda strategik özara hyzmatdaşlygyň uly mümkinçilikleriniň bardygyny belläp geçdik we bu meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygymyzy beýan etdik.

Ulag pudagy hem üç döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Beýik Ýüpek ýolunyň ugry bilen Aziýany we Ýewropany birleşdirýän ulag geçelgelerini we ugurlaryny, olaryň infrastrukturasyny hasda işjeň ulanmak hem-de giňeltmek üçin mümkinçilikleriň bardygyna ünsi çekdik. Hususan-da, Merkezi Aziýanyň hem-de Hazarüsti sebitiň üstaşyr geçiriş mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmagyň zerurdygy nygtaldy.

Ýokary derejedäki duşuşygyň dowamynda üç doganlyk ýurduň halklarynyň arasyndaky giň gerimli ynsanperwer gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek boýunça amatly şertleri döretmek babatda ylalaşyk gazanyldy. Elbetde, bu hyzmatdaşlyk ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, medeniýet, sungat, hususan-da, aýdym-saz, halyçylyk, atşynaslyk ýaly beýleki köp sanly ynsanperwer ugurlary öz içine alýar.

***Hormatly adamlar!***

Umuman, bu duşuşyk biziň üçin täze mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda ýurtlarymyzyň öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmekleri üçin ähli şertleriň bardygyna berk ynanýaryn. Mümkinçilikden peýdalanyp, öz adymdan, hormatly Prezidentimiziň adyndan hem-de türkmen halkynyň adyndan Azerbaýjanyň we Özbegistanyň doganlyk halklaryna parahatçylyk, abadançylyk arzuw edýärin. Hormatly doganym Ilham Geýdar ogly we hormatly doganym Şawkat Miromonowiç, Size köp sagbolsun aýdýaryn!

## Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Özbegistan Respublikasynyň BILELIKDÄKI BEÝANNAMASY

Türkmenistanyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 2025-nji ýylyň 22-nji awgustynda, mundan beýläk «taraplar» diýlip atlandyrylýan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň, Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň duşuşygy geçirildi.

Taraplar üç döwletiň doganlyk halklarynyň taryhy we medeni umumylygyna esaslanyp,

üç ýurduň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň hem-de çuňlaşdyrmagyň olaryň halklarynyň düýpli bähbitlerine laýyk gelýändigine we parahatçylygy, durnuklylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirip,

syýasy, söwda-ykdysady, ulag-logistika, energetika, ekologiýa, medeni-ynsanperwer ulgamlarda we özara gyzyklanma bildirilýän beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga çalşylýandygyny belläp,

esas goýujy halkara hukuk ýörelgelerine we kadalaryna, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda berkidilen ýörelgelerdir kadalara eýerýändiklerini tassyklap, aşakdakylar barada beýan edýärler:

1. Taraplar öz döwletleriniň halklarynyň köpasyrlyk dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk we özara goldaw bermek gatnaşyklarynyň ruhunda strategik hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn pugtalandyrmaga uzak möhletleýin ugruň mizemezdigini tassykladylar. Üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň parahatçylygy, durnuklylygy üpjün etmäge, sebit we ählumumy derejede ynanyşmagy, özara düşünişmegi berkitmäge hyzmat etjekdigi barada bir pikir beýan edildi.

2. Taraplar ýokary we iň ýokary derejede ysnyşykly gatnaşyklary, üç ýurduň arasynda daşary syýasy ugur boýunça hyzmatdaşlygy saklamagyň, häzirki döwrüň howplaryna hem-de wehimlerine garşy bilelikde göreşmek babatda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň möhümdigini bellediler.

3. Taraplar halkara guramalaryň, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki halkara we sebit düzümleriniň çäklerinde döwletleriň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagy dowam etdirmegi ylalaşdylar.

4. Taraplar deňhukuklylyk, özara peýda we birek-biregiň bähbitlerini hasaba almak ýörelgeleri esasynda ýurtlaryň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmegiň we berkitmegiň ileri tutulýandygyny nygtadylar. Taraplar öz döwletleriniň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin amatly şertleri döretmegiň zerurdygy barada umumy pikiri beýan etdiler. Taraplar üç ýurduň halklarynyň bähbitlerine laýyk gelýän özara ulag baglanyşygyny berkitmek, bilelikdäki taslamalary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak boýunça iş ýüzündäki hereketleri çaltlandyrmak ugrunda çykyş etdiler.

5. Taraplar önümçilik we senagat kooperasiýasyny ösdürmäge üns berdiler hem-de dokma, himiýa, gurluşyk pudaklarynda we beýleki pudaklarda bilelikdäki kärhanalary döretmek arkaly uzak möhletli özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmek barada ylalaşdylar.

6. Taraplar söwda-ykdysady gatnaşyklary höweslendirmäge gönükdirilen işe goldaw bildirdiler hem-de öz döwletleriniň işewürler toparlarynyň arasynda göni gatnaşyklary, şol sanda ony üç döwletiň çäklerinde sergileri we işewürlik maslahatlaryny geçirmek arkaly işjeňleşdirmek barada ylalaşdylar. Taraplar üç ýurduň halklarynyň arasynda dostlugy pugtalandyrmak üçin saparlary guramak, bilelikdäki çäreleri geçirmek arkaly üç döwletiň sebitleriniň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge hem-de giňeltmäge aýratyn üns bererler.

7. Taraplar energetika pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhümdigini nygtadylar.

8. Üç ýurduň ulag we logistika ulgamyndaky uly mümkinçiligini belläp, şeýle hem olaryň üstaşyr mümkinçiliklerini peýdalanmak maksady bilen, taraplar Özbegistan — Türkmenistan — Azerbaýjan ugry boýunça we yzyna multimodal gatnawlary işjeňleşdirmegiň möhümdigini bellediler. Şunuň bilen baglylykda, üç ýurduň ygtyýarly edaralary tarapyndan gol çekilen ulag-logistika hyzmatdaşlygy babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnamanyň ähmiýeti nygtaldy.

9. Taraplar ulag-kommunikasiýa üpjünçilik ulgamlaryny ösdürmek, ulag gatnawlaryny utgaşdyrmak, bu işleri guramagyň şertlerini ýönekeýleşdirmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, bilelikdäki iş toparyny döretmegi goldaýarlar.

10. Taraplar ýurtlaryň arasynda howa gatnawlaryny, işewürligi we syýahatçylygy ösdürmegiň ähmiýetlidigini bellediler. Munuň özi ýük we ýolagçy gatnawlaryny artdyrmaga ýardam berer.

11. Taraplar howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerini azaltmak we oňa uýgunlaşmagy gazanmak, ekologik töwekgelçiliklere garşy göreşmek, biologik dürlüligi gorap saklamak, daşky gurşawy goramak babatda umumy taslamalary we maksatnamalary ilerletmek, sebit we halkara derejede üç ýurduň umumy bähbitlerine laýyk gelýän bilelikdäki başlangyçlary öňe sürmek meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de berkitmegiň möhümdigini bellediler.

12. Taraplar degişli döwlet düzümleriniň we jemgyýetçilik birleşikleriniň, barlag merkezleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, medeniýet we sungat işgärleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň möhüm ähmiýetini nygtap, medeni-ynsanperwer ugurda hyzmatdaşlyk etmegiň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar. Taraplar olaryň döwletleriniň we halklarynyň arasynda dostlugy hem-de hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň zerurdygyna pugta ynam bildirdiler.

**Türkmenbaşy şäheri,**
**2025-nji ýylyň 22-nji awgusty.**

## Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisindäki ÇYKYŞY

*(Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 20-nji awgusty)*

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Döwletiň we jemgyýetiň durmuşynyň möhüm ugurlaryna degişli soraglar boýunça geçirilen işleriň netijeleri barada hormatly Prezidentimize degişli hasabatlary we maglumatlary bermek, şol maglumatlary seljermek bilen, geljekki ösüşlerimizi üpjün etmek üçin wajyp teklipleri işläp taýýarlamak, çözgütleriň kabul edilmegini gazanmak biziň esasy wezipelerimiziň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzy ösdürmegiň söwda-ykdysady, senagat, önümçilik, dolandyryş, kanunçylyk-hukuk, hyzmat ediş we medeni-durmuş ugurlarynda gazanylan üstünlikler, ýetilen sepgitler baradaky hem-de geljek üçin giň mümkinçilikleri açýan maglumatlary, şol maglumatlar esasynda taýýarlanan teklipleri gysga wagtda işläp düzüp, olary Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanyna bermegi tabşyrýaryn.

Şeýle-de «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwany guramaçylyk topary bilen bilelikde aşakdaky işleri ýokary derejede alyp barmaly:

1. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň agzalary, deputatlar, syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň işjeň agzalary, alymlar, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görülýän döwürde we mejlisiň jemleri boýunça Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işleriniň taryhy, syýasy-jemgyýetçilik ähmiýeti barada täsirli wagyz-nesihat çärelerini, çykyşlary, duşuşyklary giňden guramaly;

2. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça işleri guramaçylyk topary bilen bilelikde meýilnama esasynda alyp barmaly;

3. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň garamagyna soraglary taýýarlamagy we resminamalaryň taslamalaryny guramaçylyk toparynyň ýygnaklarynda deslapdan ara alyp maslahatlaşmaly;

4. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmekde welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň işine guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmeli;

5. Raýatlardan gelip gowşan tekliplere we beýleki ýüztutmalara garamak, olary hasaba almak, umumylaşdyrmak boýunça işleri alyp barmaly;

6. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmegiň maksatnamasyny taýýarlamaly;

7. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işini köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan etmek bilen bagly zerur maglumatlary taýýarlamaly;

8. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek boýunça guramaçylyk işlerini Türkmenistanyň Mejlisi, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat, Arkadag şäherleriniň häkimlikleri, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde utgaşykly alyp barmaly;

9. Türkmenistanyň Mejlisi hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasatyny parlament diplomatiýasynyň üsti bilen dünýä ýaýmak, wagyz etmek boýunça ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri bilen alnyp barylýan işleri dowam etdirmeli;

10. Hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklaryna laýyklykda, Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň durmuşynyň syýasy, ykdysady, medeni ugurlarynda ýokary zähmet üstünliklerini gazanan, halk arasynda uly abraýdan we sylagdan peýdalanýan ildeşlerimizi döwlet sylaglary bilen sylaglamak, olara hormatly atlary dakmak boýunça alyp barýan işlerimizi hem guramaçylykly ýerine ýetirmeli. Mynasyp adamlary hödürlemek we bu işleri resmileşdirmek boýunça işleri talabalaýyk alyp barmaly.

***Hormatly Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary!***
***Hormatly mejlise gatnaşyjylar!***

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň öňünde ýurdumyzy ösdürmek boýunça geljekde hem uly wezipeler durýar. Halk Maslahaty Türkmenistanyň Mejlisi, Hökümeti, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikdäki netijeli işleri dowam etdirip, alnyp barylýan özgertmeler syýasatyna öz mynasyp goşandyny goşup, Watanymyzy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça zerur işleri alyp barmalydyr.

***Hormatly adamlar!***

Öň hem belläp geçişim ýaly, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmek, jemgyýetimizi yzygiderli demokratiýalaşdyrmak boýunça kabul edilen maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmek, sebitleri durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ilatyň gündelik zerurlyklaryny we isleglerini kanagatlandyrmak babatda netijeli işleri alyp barmak esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Biz geljekde hem dürli ugurlardaky özgertmeler syýasatymyzy üstünlikli dowam etdirmek üçin agzalan ugurlar boýunça täze tekliples üstünde işlemeli. Şunda iň esasy maksat ýurdumyzyň ähli ilatynyň abadan ýaşaýşyny üpjün etmek, her bir adam üçin amatly ýaşaýyş gurşawyny döretmek bolup durýar.

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly maslahata gatnaşyjylar!***

Hormatly Prezidentimiziň berk nygtaýşy ýaly, Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!

# BILIMLI IL — BAGTYÝAR IL

Taryhyň sahypalaryny agtaryp, geçmişe nazar aýlasaň, adamzat aňynyň kämilleşip başlan döwürlerinden bäri islendik döwletiň ösüşiniň aňyrsynda ylymly-bilimli kämil şahsyýetleriň durandygyna göz ýetirmek bolýar. Bu üýtgewsiz kada dünýäniň ösüşiň belentden-belent menzillerine sary öňe barýan häzirki döwrüne hem mahsusdyr. Şonuň bilen birlikde, kämil şahsyýetleriň kemala gelmeginde olara berlen başlangyç bilimiň möhüm orun tutýandygyny hem bellemek gerek. Bu babatda Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ylma-bilime höwesli ýaşlara, aýratyn-da, mekdep okuwçylaryna berilýän üns örän uly bolup, munuň netijesi degişli pudakda ýetilýän sepgitlerde has-da aýdyň görünýär.

Häzirki taryhy döwürde hemişelik Bitarap döwletimiziň talyp ýaşlarynyň we mekdep okuwçylarynyň iri halkara çärelerine, bäsleşiklere we olimpiadalara yzygiderli gatnaşmaklary hem ýokary netijeleri gazanmaklary guwandyryjydyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Okamagy we öwrenmegi, döredijilikli, yhlasly zähmet çekmegi, eziz Watanymyzyň şan-şöhratyny, mertebesini belende götermegi durmuş mekdebiňize öwürmelisiňiz» diýen pendine ygrarly zehinli ýaşlarymyzyň juwan kalplarynda besleýän hünärleriniň eýesi hökmünde ata Watanymyzyň ösüş-özgerişlerine mynasyp goşandyny goşjak, iş başarjaň, kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri halkymyzyň ýagty geljeginiň aýdyň beýany bolup durýar.



«Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde täze wezipeler goýuldy. Bu günki gün Konsepsiýa görä bilim edaralarynyň işi has-da kämilleşdirilýär, bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmek, sanly serişdeleri giňden peýdalanyp, ýaş nesle berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak üçin uly tagallalar edilýär hem-de netijeli işler durmuşa geçirilýär. Geçen aý hormatly Prezidentimiziň geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde hem bilim ulgamynyň işini hasda giňeltmäge üns çekilip, ýurdumyzda 2025-2026-njy täze okuw ýylyna taýýarlyk görmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi. Şonda ýakynda, has takygy 23-nji awgustda geçirilen ýurdumyzyň bilim işgärleriniň maslahaty hakynda hem aýratyn durlup geçilipdi. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary bilen geçirilen bu maslahatda bilim ulgamyny kämilleşdirmäge, bilimiň ýokary hilini üpjün etmäge gönükdirilen wezipeleriň geçen okuw ýylynda ýerine ýetirilişi seljerilip, täze okuw ýylynda ýetilmeli sepgitler, öňde durýan wezipeler kesgitlenildi. Şeýle-de maslahatyň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň nusgalyk kitaplary esasynda ýaş nesillerde watançylyk, milli buýsanç duýgularyny terbiýelemek, sanly bilimi ösdürmek, ýaşlaryň bilim bäsleşiklerinde, olimpiadalarda üstünlikli çykyş etmegini gazanmak, olary ylmy döredijilige, hünäre ugrukdyrmak bilen bagly meýilleşdirilýän işler hakynda pikir alşyldy.

Türkmenistanda bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge hem uly üns berlip, kabul edilen maksatnamalara laýyklykda, bu ulgam üçin goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi ýylyň-ýylyna artdyrylýar we ýurdumyzyň çar künjünde bilim maksatly döwrebap binalaryň gurluşygy amala aşyrylýar. Täze gurlup, ulanylmaga berilýän desgalar gurluşyk-binagärlik nusgalary, hil derejesi bilen düýpli tapawutlanýar, ýurdumyzyň bilim ojaklary döwrebap tehnologiýalar, okuw-tehniki enjamlar bilen yzygiderli üpjün edilýär. Munuň özi okuw sapaklaryny innowasion usullardan peýdalanyp guramaga hem-de dünýä derejeli bilim ulgamyna eýermäge doly mümkinçilik berýär.

Goý, ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak ugrunda uly tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

***Selbi AMANOWA,***
***Aşgabat şäherindäki dil derslerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 87-nji orta mekdebiň mugallymy.***

# BEÝIK RUHY-AHLAK MEKDEBI

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan parahatsöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýörelgeleri esasynda ýurdumyzyň halkara mertebesi barha belende galýar. Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň arzuwlan asuda, parahat zamanasynda bagtyýar halkymyzyň her bir güni toý-baýramlara beslenýär. Pederlerimiziň arzuwlan parahatçylyk, ynanyşmak, birek-biregi goldamak, dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk ýaly asylly ýörelgeleri ýurdumyzyň durmuşynda öz beýanyny tapýar.



Döwlet Baştutanymyzyň çuňňur pähim-paýhasyndan dörän «Magtymguly — dünýäniň akyldary» atly kitaby giň many-mazmuny bilen tapawutlanyp, okyjylarda çäksiz hoşallyk duýgusyny döredýär. Hormatly Prezidentimiz bu ajaýyp eserinde: «Gadymy türkmen topragynda ylym, medeniýet, sungat bilen meşgullanan ençeme beýik şahsyýetler kemala gelipdir. Olaryň arasynda döredijilik mirasy diňe bir Gündogaryň nusgawy şygryýetini däl, eýsem, dünýä edebiýatyny hem baýlaşdyran türkmen halkynyň beýik ogly Magtymguly Pyragy aýratyn orun eýeleýär. Beýik ynsanperwer şahyryň öçmez-ýitmez eserleri parahatçylyk we ylalaşyklylyk, ýagşylyk, adalatlylyk ýaly düşünjeleri wasp edip, umumadamzat gymmatlyklary bilen utgaşýar» diýip belleýär.

Bilşimiz ýaly, dünýäniň akyldary Magtymguly Pyragy ynsan mertebesini belende galdyran şahyrdyr, türkmen ruhunyň synmajak sütünidir. Şahyryň goşgy setirleri olary okan her bir ynsanda, aýratyn-da, ýaş nesilde watansöýüjilik, mertlik, batyrlyk häsiýetleriniň terbiýelenmeginde örän uly ähmiýete eýedir. Çünki ýaş nesilleriň arassa ahlakly, giň dünýägaraýyşly, sagdyn pikirli we kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri şahyryň esasy maksatlarynyň biri bolupdyr. Magtymguly Pyragy hakyky watançy hökmünde öz ýurduny, onuň gözel tebigatyny buýsanç bilen wasp edýär. Şahyr joşgun bilen döreden şygyrlaryny, ähli pikirlerini, ilkinji nobatda, türkmen halky we onuň ykbaly bilen baglanyşdyrýar.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Dünýäniň akyldarynyň nesil terbiýesi bilen bagly dana setirleri asyrlar içre öz ähmiýetini ýitirmän gelýär. Şahyryň şygyrlarynda öňe sürülýän ahlak ýörelgeleri, asylly maşgala däpleri, urpadatlary bilen utgaşýar. Şahyryň döredijiliginde türkmeniň milli däp-dessurlary — ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak, myhmansöýerlik, akgöwünli, adalatly bolmak ýaly ýörelgeleri çuňňur pähim-parasada ýugrulyp beýan edilýär. Munuň özi şahyryň döredijiliginiň her birimiz üçin ruhy-ahlak mekdebi bolup durýandygynyň aýdyň nyşanydyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz akyldar şahyryň edebi mirasynyň ýaş nesiller üçin özboluşly terbiýe mekdebidigini aýratyn nygtaýar. Halkymyzyň asyrlaryň dowamynda döreden asylly däplerini, nesilden-nesle geçirmek çaga bilen ata-enäniň mizemez baglanyşygyny pugtalandyrýar, onuň esasynda ýola goýlan gatnaşyklar maşgala bilen birlikde tutuş jemgyýeti kämillige eltýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe-de halkymyzyň ata-enä, halypa, ýaşuly adamlara, beýleki halklaryň wekillerine hormat goýmak, ýaşkiçileri söýmek, dogruçyl, ynsaply, halal zähmet çekmek ýaly asylly däpleri mynasyp dowam etdirilýär. Ýurdumyzda ýaş nesil baradaky alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda kesgitlenip, durmuşa geçirilýän çäreler ýaşlaryň ruhy we beden sagdynlygyna, hünär taýýarlygynyň kämilligine, pikirleniş we döredijilik ukybyna kuwwatly itergi berýär. Onuň esasynda jemgyýetiň kämilleşmegi we döwletiň ähli ulgamlarynyň depginli ösüşleri ýola goýulýar.

Häzirki wagtda şahyryň şygyrlarynyň terbiýeçilik ähmiýetiniň täsirliligi has-da artýar we şahsyýete baha bermekde, özüňe dost saýlamakda öňe süren pentdir nesihatlary belent adamkärçiligiň, haýyr-sahawatlylygyň ölçeg daşy, ynsanlaryň erkinlikde, beden we ruhy sagdynlykda maksadyna ýetmeginiň ýol görkezijisi bolup hyzmat edýär.

Goý, ýurdumyzyň raýatlarynyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda uly aladalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt ähmiýetli beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Aýna TANGYÝEWA,***
***Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.***

*Bir harby bölümden iki habar*

## SÜRÜJILERIŇ TAÝÝARLYGY ÝOKARLANÝAR

Ýaňy-ýakynda polkownik Rüstem Aýmämmedowyň serkerdelik edýän harby bölüminiň tabynlygyndaky maýor Muhammet Şalykowyň serkerdelik edýän harby bölüminde sürüjileriň ukyp-başarnyklaryny we endiklerini kämilleşdirmek hem-de ýokary watansöýüjilik ruhunda terbiýelemek maksady bilen okuw-usulyýet ýygnanyşygy guramaçylykly geçirildi. Oňa maýor Begenç Aýydow ýolbaşçylyk edip, onda sürüjileriň ähli okuw sapaklary Türkmenistanyň Kanunlaryna hem-de degişli düzgünnamalaryň we gollanmalaryň talaplaryna laýyklykda berjaý edildi.

Sapaklaryň dowamynda ulag serişdelerine tehniki taýdan hyzmat etmegiň we olary abatlamagyň kadalary, düzgünleri we tertibi, olaryň ulanyş şertleri, awtomobil tehnikalaryny gurat ýagdaýda saklamak, ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek, ýol-ulag hadysalarynda ejir çekenlere ilkinji lukmançylyk kömegini bermegiň usullary, howanyň we ýollaryň dürli şertlerinde awtoulaglary sürmek we dolandyrmakda çagyryş boýunça harby gullukçylaryň nazary bilimleri doly çuňlaşdyryldy. Okuw-usulyýet ýygnanyşygynyň ahyrynda garnizonyň Harby awtomobil gözegçiligi gullugynyň müdiri, podpolkownik Merdan Akmyradow, etrabyň Hünär mekdebiniň müdiri, maýor Soltan Joraýew, etrabyň polisiýa bölüminiň ýol gözegçilik bölümçesinden kapitan Begli Allaberdiýew, harby bölümden maýorlar Wepa Mämmedow, Batyr Ataýew dagynyň gatnaşmaklarynda sürüjilik taýýarlygyny geçen çagyryş boýunça harby gullukçylardan synaglar kabul edildi.

***Owaz BAÝRAMOW,***
***maýor.***

## EZBERLER ÖŇE SAÝLANDY

Golaýda 2025-nji okuw ýylynyň söweşjeň taýýarlygynyň meýilnamasy esasynda bu harby bölümde harby sungaty ösdürmek, şahsy düzümiň söweşjeň taýýarlygyny ýokarlandyrmak, olaryň ukyp-başarnyklaryny we meýdan endiklerini kämilleşdirmek maksady bilen, çagyryş boýunça harby gullukçylaryň arasynda «Gaza garşy serişdesini we gorag ýapynjasyny geýmek» atly bäsleşik guraldy. Ol harby bölümiň okuw-türgenleşik merkezinde geçirildi. Bäsleşigiň düzgünnamasynda kesgitlenen şertlere laýyklykda, onda emin agzalary tarapyndan kadalaryň birnäçesi kabul edildi, olar ýekelikde we toparlaýyn ýerine ýetirildi. Onuň jemleýji tapgyrynda ezberlik görkezip, seržant Arslan Annaýew 1-nji, esgerler Batyr Toýlyýew 2-nji, Sünnetmyrat Kurbanow 3-nji orna mynasyp boldular. Ýeňijilere harby bölümiň serkerdesiniň adyndan Hormat hatlary gowşuryldy.

***Mergen HOJAMÄMMEDOW,***
***kapitan.***



# GERÇEKLIK MEKDEBINIŇ MERDANALARY

Ýurt goragy ebediligiň hakydasynda hemişe mertleriň dogmuna ynanylan mukaddeslikdir. Özüniň ýelden ýyndam bedewi bilen heňňamyň ötlem-ötlem ýollarynda merdanalyk baýdagyny syndyrman gelen milletimiziň watançylyk ruhy juda aňyrdan gaýdýanlygy bilen hem ýanbermezdir. Mukaddes Watanymyzyň gözbaş alýan ýeri bolan dost-doganlyk araçäklerimiziň goragynda bolsa, eginlerine ýüklenen jogapkärçiligi mertlik bilen ýerine ýetirýän serhetçi esgerleriň köpdügi bizi diýseň buýsandyrýar.

Şeýle ýigitleriň ençemesi maýor Polat Hudaýberdiýewiň serkerdelik edýän serhet birikmesiniň uly leýtenant Döwletgeldi Meredowyň serkerdeligindäki serhet galasynda gulluk borjuny üstünlikli berjaý edýärler. Dost-doganlyk araçäklerimiziň asudalygy ugrunda yhlasyny gaýgyrman ak ýüreklilik bilen gulluk edýän harby gullukçylarymyzyň birnäçesine Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygynyň adyndan Hormat hatlarydyr «Ussat serhetçi» atly döşe dakylýan nyşanlarynyň gowşurylmagy terbiýeçi serkerde hökmünde bizi yhlasymyzyň ýerine düşürýändigi bilen begendirdi. Has takygy, gala serkerdesi bilen bir hatarda kiçi seržantlar Jumamyrat Jumakulyýew, Babur Seýitmämmedow, esgerler Kerim Muhammetmyradow, Parahat Beşirow, Hudaýberdi Güýçliýew, Rowaç Batyrow dagynyň gulluk borçlaryny beýleki deň-duşlaryna nusgalyk derejede üstünlikli berjaý etmekleri bu abraýly sylaga eýe etdi. Olary üstünlikleri bilen tüýs ýürekden gutlanymyzda bize bu mukaddes ýoly ykbal menzillerine öwrüp, geljekde serhetçi serkerde bolmagy arzuw edýändiklerini gürrüň berdiler.

***Begenç AMANÝAZOW,***
***podpolkownik.***

## GOŞUNYŇ GÜNDELIK DURMUŞY

### WATAN WASPY DILLERDE

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Guryýer goşunlarynyň tabynlygyndaky podpolkownik Hemra Baýramowyň serkerdelik edýän harby bölüminde 2025-nji ýylyň ýaz möwsüminde çagyryş boýunça harby gulluga çagyrylan ýaş esgerleriň çeper höwesjeňler toparynyň taýýarlan aýdym-sazly medeni-dynç alyş çäresi şatlyk-şowhuna beslendi. Watan hakynda ýerine ýetirilen aýdymlar ýaş esgerleriň kalbynda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrdy.

***Nury ATAGELDIÝEW,***
***maýor.***

### DÖREDIJILIK BÄSLEŞIGI

Golaýda podpolkownik Sapar Berdiýewiň serkerdelik edýän harby bölüminde maýorlar Röwşen Saparow, Döwran Dosmämmedow, Çary Çaryýew dagynyň guramaklarynda garawul gullugyny alyp barýan çagyryş boýunça harby gullukçylary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ruhunda terbiýelemek, olaryň başarnyklaryny we döredijilik ussatlyklaryny ýüze çykarmak, harby hünäre bolan söýgülerini, sowatlylyklaryny hem-de hakyky Watan goragçysynyň şahsyýetini kemala getirmek maksady bilen döredijilik bäsleşigi geçirildi. Onda harby gullukçylar ýurdumyzda gazanylýan üstünlikler, ýetilýän belent sepgitler, watansöýüjiligi we merdanalygy wasp etmek boýunça bäsleşdiler. Bäsleşigiň netijesi boýunça kiçi seržantlar Adylhan Annalyýew, Perhat Mekanow, Giýasbek Jumabaýew, esgerler Agabek Baltabaýew, Nazargeldi Ataýew dagy tapawutlanmagy başardylar. Olar TMÝG-niň etrap geňeşi tarapyndan Hormat hatlary, sowgatlar bilen sylaglandylar.

***Sona ESENMÄMMEDOWA,***
***kapitan.***

### MEDENIÝETLI DYNÇ ALYŞ

Ýakynda podpolkownik Eziz Seýidowyň serkerdelik edýän harby bölüminde şahsy düzümiň dynç alşyny guramak maksady bilen, welaýatdaky döwlet drama teatrynyň wäşileriniň gatnaşmagynda gülki agşamy guraldy. Harby gullukçylar çäräniň dowamynda gysgajyk sahnalara we aýdym-sazly çykyşlara tomaşa etdiler.

***Gunça SEÝIDOWA,***
***kapitan.***

## HUKUK BINÝADY BERKIDILÝÄR

Ýaňy-ýakynda «Kämil hukuk namalaryna eýerýän döwletde adalatyň baýdagy belentde parlaýar» diýen şygar astynda podpolkownik Eziz Seýidowyň serkerdelik edýän harby bölüminde hukuk goraýjy edaralaryň wekilleriniň gatnaşmagynda şahsy düzüme hukuk medeniýeti we hukuk terbiýesi barada düşünje bermek maksady bilen, «Kanunylyk, düzgün-nyzam we hukuk tertibi adamyň ýaşaýyş-durmuşyny hem-de işjeňligini üpjün etmekde möhüm binýatdyr» atly wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Hormatly Prezidentimiziň: «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýip belleýşi ýaly, berkarar ýurdumyzda adamyň hukuklary, azatlygy, erkin ýaşamagy, zähmet çekmegi, kämil bilim almagy üçin döwlet bähbitli işler döwrebap derejede alnyp barylýar. Duşuşygyň dowamynda çykyş edenler Türkmenistanda hereket edýän kanunlaryň birnäçesine täze goşmaçalaryň girizilendigi, döwletimiziň hukuk binýadynda geçirilýän özgertmeler, üstünlikler dogrusynda belläp geçdiler.

***Mergen ROZYÝEW,***
***podpolkownik.***

## MERT ÝIGITLER MEÝDANYNDA BELLIDIR

Şeýle at bilen harby gullukçylary ýokary watansöýüjilik ruhunda terbiýelemek, söweşjeň we gumanitar taýýarlygynyň meýilnamasynda göz öňünde tutulan çäreleri amala aşyrmak, olaryň dünýägaraýşyny we syýasy düşünjesini artdyrmak maksady bilen, golaýda podpolkownik Serdar Ýagşygeldiýewiň serkerdelik edýän harby bölüminiň tabynlygyndaky kapitan Mekan Halmyradowyň serkerdelik edýän batalýonynda gulluk borçlaryny ak ýürekden ýerine ýetirýän çagyryş boýunça harby gullukçylaryň arasynda döredijilik bäsleşigi geçirildi. Onda «Deňizçi», «Deňizhan», «Edermen» atly toparlar söweşjeň we gumanitar taýýarlygyndan berlen sowallara jogap bermek, öz düzen goşgularyny okamak, sportuň şaşka, stoluň üstünde oýnalýan tennis, desgada göwräni çekmek görnüşleri boýunça bäsleşdiler. Bäsleşik gyzykly we çekeleşikli geçip, «Edermen» topary ýeňiji diýlip yglan edildi. Kiçi seržantlar Wepa Akmämmedow, Atamyrat Durdyýew, Isageldi Şadyýew, esgerler Adylbek Ylhambekow, Timur Nusratow, Babaröwşen Saparow dagy bäsleşikde has-da tapawutlanmagy başardylar.

***Umida DOSMURADOWA,***
***kapitan.***

# DÖWRÜMIZIŇ BELENT BUÝSANJY

Mälim bolşy ýaly, TGM-niň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň täze binalar toplumy paýtagtymyzyň iň bir gözel künjeginde ýerleşýär. Bu mekdepde harby okuwçylaryň döwrebap derejede bilim almaklary, başlangyç harby taýýarlyklary, dürli türgenleşikleri geçmekleri, robototehnika bilen meşgullanmaklary, galyberse-de, okuwdan boş wagtlarynda medeniýetli dynç almaklary üçin döredilen şertler, sözüň doly manysynda, ertekilerdäki ýaly ajaýyp durmuşy ýadyňa salýar.

Ýöriteleşdirilen harby mekdebiň sanly tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan innowasion muzeýi ýaş nesli terbiýelemek işine uly goşant goşan we 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň söweşlerinde gaýduwsyzlyk görkezen, ussat mugallym, watançy esger, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýewiň durmuş hem zähmet ýoluna bagyşlanýar. Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiziň atasy, içeri işler edaralarynyň hormatly weterany Mälikguly aga bagyşlanan gymmatlyklar, foto we wideoşekiller muzeýiň esasy aýratynlygydyr. Bu beýik şahsyýetleriň ömür ýollary Watana wepaly harby gullukçylary terbiýelemekde bahasyna ýetip bolmajak görelde mekdebidir.



Okuw binasynyň taktiki söweşe taýýarlanmak üçin niýetlenen otagyndaky döwrebap enjamlar, programma üpjünçiligi islendik howa we meýdan şertlerinde taktiki we söweş hereketlerini amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Bu otagda ornaşdyrylan türgenleşigiň geçişini synlamak üçin ýörite monitorlar, wirtual hakykata ýakynlaşdyrýan äýnekler, ylgaw meýdançalary, serwer, kompýuter, sowutlanan harby tehnikalaryň simulýatorlary hemmetaraplaýyn söweşjeň häsiýetde bilim almagyň ýokary derejesini üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Harby mekdebiň täze okuw binasynda robotlary we uçarmansyz uçýan enjamlary dolandyrmagy türgenleşmäge niýetlenen otagy harby okuwçylaryň döwrebap harby tehnikalar bilen ýaşlyk döwründen başlap tanyşmaklaryna, olary dolandyrmagy doly ele almaklaryna ýardam edýär. Sport toplumyndaky lazerli türgenleşik otagy söweşjeň tilsimleri özleşdirýän harby okuwçylaryň toparlaýyn tertipde türgenleşik geçmekleri üçin mümkinçilik döredýär. Bu ýerde paraşýutçylaryň türgenleşikleri üçin hem ýörite enjam bar. Ol adama uçardan bökmegiň täsirlerini duýmaga, howada durnuklylygy saklamaga, paraşýutçylaryň hereketlerini özleşdirmäge niýetlenendir. Döredilen şeýle mümkinçilikler ýurdumyzyň goranyş häsiýetli, halkymyzyň howpsuzlygyny we abadan durmuşyny üpjün etmäge, Ýaragly Güýçlerimiziň goranyş ukybyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen Harby doktrinamyzyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nusgalyk mysalydyr.

***Şöhrat AMANOW,***
***maýor.***

# KÄMILLIGIŇ BINÝADY




Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym-bilim ulgamyny toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugurda bar bolan binýady pugtalandyrmak, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň, onuň täze sepgitlere ýetmeginiň möhüm şertidir. Şunuň bilen baglylykda, dünýä tejribesiniň öwrenilmegine, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. Şunda döwletimiziň yzygiderli esasda alyp barýan ylym-bilim diplomatiýasy wajyp orny eýeleýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän özgertmeler ylym-bilim ulgamyna halkara ölçegleriniň ornaşdyrylmagyna, bu ugurda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülmegine gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiz: «Biziň mukaddes topragymyz geçmişde ykbalyny ylym bilen mäkäm baglan görnükli akyldarlaryň, alymlaryň, söz ussatlarynyň mekany bolupdyr. Biz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy beýik ylmy açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň dabaralanýan Diýaryna öwürmek üçin köp tagalla edýäris» diýip jaýdar belleýär. Şoňa görä-de, ylym-bilim ulgamyny düýpli özgertmek hem-de kämilleşdirmek Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Bu ulgam ýurdumyzyň täze belentliklere tarap öňe gitmeginiň, bilim bermegiň dünýä derejesine çykmagynyň hem-de ýaş nesilleri terbiýelemegiň düýpli esaslarynyň biridir.

Häzirki wagtda döwrüň talaplaryndan ugur alnyp, bilim bermegiň hili ýokarlandyrylýar, okuw maksatnamalary kämilleşdirilýär. Degişli kanunçylyk-hukuk binýady yzygiderli berkidilýär, interaktiw, uzak aralykdan okatmagyň usullaryndan peýdalanmak üçin täze mümkinçilikler açylýar. Hemmetaraplaýyn döwlet goldawy esasynda binýatlaýyn nazary we amaly ylmy barlaglaryň gerimi giňeldilip, alymlaryň netijeli işlemegi üçin zerur şertler döredilýär, ugurdaş düzümler döwrebaplaşdyrylýar. Bu asylly işler «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyndan» we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2024 — 2028-nji ýyllar üçin Meýilnamasyndan gözbaş alýar. Täze taryhy eýýamda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ylym-bilim ulgamyny ösdürmäge, ýaşlarymyzyň döwrebap derejede bilim we hünär öwrenmegine, ylmy işler bilen meşgullanmagyna, şeýle-de olaryň dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň öňdebaryjy tejribeleri bilen tanyşmagyna hem-de bu ugurda halkara hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagyna uly ähmiýet berilýär.

Düýpli ylmy gözlegler, ýurdumyzda ykdysady ösüşi hil taýdan täze derejä çykarmak, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň bäsleşige ukyplylygyny we netijeliligini üpjün etmek, geljegiň sanly ykdysadyýetini döretmek, raýatlaryň ýaşaýyş hil görkezijisini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak, adamyň aň-bilim maýasynyň ösüş derejesini ýokarlandyrmak durmuşa geçirilýän ylmy maksatlaryň özenini düzýär.

Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamyny ösdürmek babatynda uly işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli işleri elmydama rowaç bolsun!

***Ýagşymyrat NURYÝEW,***
***Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň Harby-lukmançylyk fakultetiniň dekanynyň orunbasary, maýor.***

# AJAÝYP KITAPLARYŇ WASPY




Gözbaşyny müňýyllyklaryň jümmüşinden alyp gaýdýan türkmen halkynyň maddy, medeni we taryhy gymmatlyklary diýseň köpdür. Olaryň arasynda iň naýbaşysy, paýhas hazynasy bolan kitaplardyr. Türkmen topragynda ýaşap geçen pederlerimiziň, ýagny akyldarlarymyzyň, filosoflarymyzyň ýazan baý kitaplarydyr galdyran golýazmalary bu günki günde biziň iň bir gymmatly genji-hazynamyz hasaplanylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe-de ýurdumyzda kitaphana ugruny ösdürmek, halkymyzy, ylaýta-da, ýaş neslimizi kitap okamaga, döredijilige çekmäge, umuman, ylma-bilime döwlet derejesinde uly üns berilýär. Welaýatlarymyzdaky döwrebap kitaphanalar halkymyza hyzmat edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz jöwher paýhaslaryndan dörän ajaýyp kitaplaryny halkymyza sowgat edýärler.

TMÝG-niň etrap geňeşiniň işgärleri, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Ýurdumyzda ýaşlar döwlet syýasatyny ýaşlaryň arasynda giňden wagyz-nesihat etmekde we ony üstünlikli durmuşa geçirmekde Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur pähim-paýhasa, baý many-mazmuna ýugrulan ajaýyp kitaplary gymmatly gollanmadyr, ylym-bilim babatynda görelde mekdebidir» diýen parasatly sözlerinden ugur alyp, ýaşlaryň arasynda kitap okamagyň ähmiýeti barada duşuşyklary, wagyz-nesihat çärelerini yzygiderli geçirýärler. Ýakynda ýaşlaryň arasynda «Ajaýyp kitaplaryň waspy» ady bilen söhbetdeşlik duşuşygy guraldy. Onuň dowamynda täsirli çykyşlara giň orun berildi. Çykyşlarda häzirki döwürde kitaba goýulýan sarpa, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gymmatly eserleriniň terbiýeçilik ähmiýeti hakynda aýratyn bellenildi.

***Gülzar BEKMURADOWA,***
***TMÝG-niň etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň baş hünärmeni.***

# BERKARAR DÖWLETIŇ BAGTYÝAR TALYP ÝAŞLARY

*Halkymyzda «Guş ganatsyz bolmaz, ynsan arzuwsyz» diýilýär. Arzyly arzuwlaryň wysal bolýan Garaşsyz Watanymyzda ýaşlaryň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, döwrebap tehnologiýalardan kämil baş çykarýan nesiller bolup ýetişmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Şeýle mümkinçiliklerden netijeli peýdalanýan bagtyýar ýaşlar ýurdumyzyň dürli ýokary okuw mekdepleriniň synaglaryndan üstünlikli geçip, talyp bolmak bagtyna eýe bolýarlar. Biz hem gazetimiziň şu sanynda şeýle ýaşlaryň ýürek buýsançlaryny okyjylarymyz bilen paýlaşmagy makul bildik.*



***Şamyrat ATABALOW, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetiniň 1-nji ýyl harby talyby:***

— Biz hemişe arzuwlar dünýäsinde ýaşap, olaryň hasyl bolmagy üçin yhlas edýäris. Ýürekdäki arzuwlar hasyl bolanda, özümizi iň bagtly ynsan hasaplaýarys. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýlarynyň toýlanylýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda arzuw eden ýokary okuw mekdebimiň harby talyby bolmak bagty maňa-da miýesser etdi. Çünki ynamym, yhlasym, saýlap alan hünärime bolan söýgim arzuwymyň hasyl bolmagyna getirdi.

Kuwwatly döwletimiz türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň amal edýän beýik işleriniň netijesinde bedew bady bilen öňe barýar, ösüşleriň täze belentliklerine çykýar. Bu günki günde talyp ýaşlaryň ýüzlerinden ata Watana belent söýgi, hormatly Prezidentimize çäksiz buýsanç duýgularyny görmek bolýar. Sebäbi bagtyýar zamanamyzda talyp ýaşlaryň döwrebap okamaklary we ýokary derejeli bilim almaklary üçin ähli mümkinçilikler döredilen. Biz öz borjumyza çuňňur düşünip, okap, bilim alyp, kämil hünärmenler bolup ýetişip, eziz Watanymyzyň asudalygy, halkymyzyň abadançylygy ugrunda jan aýaman gulluk ederis!



***Seýitnur BABAHANOW, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetiniň 1-nji ýyl harby talyby:***

— Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýokary depginlerde sazlaşykly ösýän ýurdumyzda döwlet syýasatynyň möhüm ugry hökmünde milli ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Raýat goranyşy ulgamynda milli harby hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen 2023-nji ýylda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda Raýat goranyşy fakulteti açyldy. Dünýäniň Raýat goranyşy babatynda gazanan üstünlikleri we ýeten sepgitleri hem-de maglumat ulgamlary meni hemişe gyzyklandyrýardy. Şonuň üçin hem men Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda bu ugur boýunça ýokary harby bilim almagy maksat edindim. «Yhlasa — myrat» diýleni. Arzuwym hasyl bolup, ynha Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetiniň bagtyýar harby talyby bolmak bagty maňa hem miýesser etdi. Nesip bolsa, öz saýlap alan hünärim boýunça okuw sapaklaryny ýokary dereje-de özleşdirip, Raýat goranyşynyň inçe tärlerini ele aljakdygyma ynandyrýaryn!



***Şamuhammet IŞANGULYÝEW, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 1-nji ýyl talyby:***

— Barha rowaçlyklara beslenýän häzirki döwrümiziň ýene bir täze okuw ýylyna buýsanç bilen gadam basýarys. Şu okuw ýylynda talyp bolandygyma begenjimiň çägi ýok. Watanymyzy ýagty ertirlere alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň türkmen ýaşlarynyň ylymly-bilimli bolmagy ugrunda edýän aladalaryndan, döredip berýän mümkinçiliklerinden peýdalanýan biz — ýaşlar, özümizi baky bagtyň eýeleri hasaplaýarys. Çünki öz saýlap alan hünäriň eýesi bolmak — bagtyýarlykdan nyşan. Şu ajaýyp döwürde biz — ýaşlaryň kämil bilimli şahsyýetler bolup ýetişmegimize döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys!

# HARBY ÝÖRIŞ — GARAŞSYZLYGYMYZYŇ ŞÖHRATLY NYŞANY

Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ýyllyk meýilnamalarynyň aýrylmaz bölegine öwrülen dabaraly harby ýöriş, ýurdumyzda Garaşsyzlyk baýramynyň iň belent derejesindäki däpleriniň biridir.

Harby ýöriş — eziz Watanymyzyň goranyş kuwwatyny hem-de mukaddes Garaşsyzlygymyzyň gazananlarynyň, mähriban topragymyzyň parahatçylygynyň we asudalygynyň, halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň goragynda duran türkmen esgerleriniň ýokary hünär ussatlygyny, şeýle hem türkmen halkynyň gadymdan gelýän mertlik, edermenlik, batyrlyk ýaly häsiýetlerini alamatlandyrýan şöhratly nyşandyr. Her ýyl Garaşsyzlygymyzyň şanly baýramynda döwlet münberiniň öňünden harby ýörişden geçmek, Watan goragçylary üçin asylly däp bolup, üýtgewsiz kada hökmünde dowam edýär. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan ýylymyzda hem bu mukaddes toýuň şanyna geçiriljek dabaraly harby ýörişe gatnaşjak harby gullukçylar iň ýokary taýýarlyk bilen türgenleşýärler.



Berk tertip-düzgünli, häzirki zaman kämil harby tehnikalaryna başarjaňlyk bilen erk edip bilýän ýurt goragçylary ata Watanymyzyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan netijeli daşary syýasatynyň ykrarnamasy bolan goranmak häsiýetli Harby doktrinamyzyň talaplaryny durmuşa geçirýärler. Pederlerimiziň asylly däplerini mynasyp dowam etdirijiler bolan harby gullukçylar bolsa, özleriniň kämil harby bilimleri bilen Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öwüt-nesihatlaryna ygrarly bolup, Watany goramak ýaly mukaddes işi perzentlik borjy hökmünde berjaý edýärler.

Biz — harby gullukçylar mähriban ýurdumyzyň goragy üçin çykylan bu ýollaryň geljekde hem has-da mertebeli menzillere ýetirjekdigine berk ynanýarys! Her pursady ömre barabar synag bolan jogapkärçilikli harby gullugymyzda mundan beýläk hem özümize bildirilýän ynamy ödäp, yhlasly gulluk ederis!

***Rozaý BAZAROWA,***
***maýor.***

***«Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyga***

# HAÝYRLY IŞE MYNASYP GOŞANT

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýuny uly dabara bilen geçirmäge taýýarlyk görülýän döwründe ata Watanymyzyň ähli ugurlarynda uly işler amala aşyrylýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pähim-paýhaslary bilen Watanymyzyň dürli künjeklerinde, gülleýän, gül açýan oba-şäherlerimizde agzybir halkymyz asuda hem-de abadan durmuşda, döredijilikli zähmetleri bilen ýurdumyzyň ösüşine saldamly goşantlaryny goşýarlar. Maýor Orazdurdy Meredowyň ýolbaşçylyk edýän garnizonynyň podpolkownik Nariman Alimowyň müdirlik edýän Harby awtomobil gözegçiliginiň harby gullukçylarynyň işjeň gatnaşmaklarynda şu ýylyň 1 — 30-njy sentýabry aralygynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» ady bilen geçiriljek biraýlyk mynasybetli harby bölümlerde, harby edara-kärhanalarda, çagalar baglarynda, mekdeplerde wagyz-nesihat işleri ýokary guramaçylyk derejesinde amala aşyrylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwlet ähmiýetli, il-ýurt bähbitli alyp barýan oňyn işlerinden ugur alyp, garnizonyň Harby awtomobil gözegçiliginiň ýol hereketine gözegçiler wzwodynyň gözegçileri hem ýurdumyzda bellenip geçiljek mukaddes Garaşsyzlyk baýramyna özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Watan goragçylary hem garnizonyň harby tehnikalarynyň sürüjileri tarapyndan ýol hereketiniň kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek bilen, harby awtoulaglaryň guramaçylykly kerwen ugradyş işlerini yhlasly ýerine ýetirýärler.

***Zafar HUSEÝNOW,***
***borçnama boýunça harby gullugyň starşinasy.***

# ÝOLLARYMYZ ABAT, ILIMIZ ABADAN BOLSUN!

«Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk mynasybetli, polkownik Amangeldi Berdiýewiň ýolbaşçylyk edýän garnizonyndaky harby bölümlerde, harby edara-kärhanalarda, harby okuw mekdeplerinde okaýan we zähmet çekýän hünärmenleriň, sürüjileriň arasynda Harby awtomobil gözegçiliginiň müdiri, kapitan Çaryýar Weliýewiň we şäher, etrap polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýol gözegçiligi bölümçesiniň müdiri, polisiýanyň kapitany Tugur Tugurowyň işgärleriniň gatnaşmaklarynda wagyz-nesihat çäreleri, sürüş hem-de okuw-türgenleşik sapaklary amala aşyrylýar. Munuň özi biraýlygyň üstünlikli geçmegine mynasyp goşant bolar. Şeýle haýyrly, sogaply işleri amala aşyrmaga giň ýol açýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***Meýlis HYDYROW,***
***Harby awtomobil gözegçiliginiň ýol hereketine gözegçilik wzwodynyň serkerdesi, kapitan.***

ESGER
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
hepdelik gazet
Baş redaktor
Serdar MYRADOW

Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edilýär. Redaksiýa gelýän hatlara jogap, syn berilmeýär we golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar.

Gazetiň belgisi - 69457.
Möçberi - 4 sahypa.
Ölçegi - A2.
A—116996
Sany - 23200

Gazetiň asyl nusgasy «ESGER» gazetiniň Kompýuter merkezinde taýýarlandy.

Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär.
Telefon belgisi: 39-95-36.

TELEFON BELGILERIMIZ:
Kabulhana, faks - 38-62-23.
Jogapkär kätip - 38-61-93.
Bölümler - 38-61-94, 38-62-16, 38-62-72, 38-62-25, 38-62-27.

SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly — 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
E-mail: esger-gazeti@sanly.tm

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

4 833001 500134

Gazet hepdäniň penşenbe güni çykýar.
Bahasy 30 teňňe.